# ÇÄKLENDIRILEN KEPILLIK

**Sarp edijiler baradaky kanuna degişli goşmaça hukuklar.** Eger SIZ sarp ediji bolsaňyz, şu çäklendirilen kepillikde kesgitlenen hukuklardan başga-da kanuny hukuklara eýe bolup bilersiňiz (ýaşaýan ýurduňyzdaky sarp edijiler baradaky kanunlar ýaly) ("**Sarp edijileriň hukuklary**"). Bu çäklendirilen kepillikde BlackBerry Enjamy üçin BlackBerry tarapyndan öwez tölegi beriljek ýa-da berilmejek ýagdaýlar kesgitlenýär. Bu çäklendirilen kepillik BlackBerry Enjamy bilen baglanyşykly sarp ediji hukuklaryňyzy çäklendirmeýär ýa-da ol hukuklary görmezlikden gelmeýär.

**Öndürijiniň kepilliginiň çägi.** Öndürijiniň bu çäklendirilen kepilligi BlackBerry Limited kompaniýasynyň hem-de onuň golçur kärhanalarynyň (" **BlackBerry** ") BlackBerry BlackBerry(" **BlackBerry Enjam**") tarapyndan ýa-da onuň adyndan öndürilen markaly enjam önümleri hem-de aksessuarlary babatda kepillik jogapkärçiliklerini kesgitleýär. BlackBerry täze bolan BlackBerry enjamyň başdaky satyn alyjy we ulanyjysy ("**SIZ**") üçin BlackBerry Enjamyň materialynda ýa-da ýasalyş usulynda adaty ulanyş şertlerde SIZ tarapdan başdaky satyn alynan senesinden başlap BlackBerry Enjamyň her degişli görnüşi üçin kesgitlenen wagta çenli bolan wagtyň dowamynda ("**Kepillik möhleti**") kemçilikleriniň bolmajakdygy barada kepil geçýär. SIZ bu çäklendirilen kepilligi başgalara geçirip bilmeýärsiňiz.

(i) Elde göterilýän BlackBerry smartfony üçin kepillik möhleti 1 (bir) ýyldyr. BlackBerry Enjamyňyz üçin müşderi hyzmatyny nähili almalydygy barada maglumat almak üçin BlackBerry Enjamyny satyn alan bölek satyjyňyza ýüz tutuň.

(ii) BlackBerry Porsche Design smartfony üçin kepillik möhleti 2 (iki) ýyldyr. BlackBerry kompaniýasynyň wekiline ýüz tutuň — kepillik boýunça ýüz tutmak barada maglumatlary www.blackberry.com/gettingstarted salgysyndan tapyp bilersiňiz.

(iii) BlackBerry planşeti üçin kepillik möhleti 1 (bir) ýyldyr. BlackBerry kompaniýasynyň wekiline ýüz tutuň — kepillik boýunça ýüz tutmak baradaky maglumatlary www.blackberry.com/playbookwarranty salgysyndan tapyp bilersiňiz.

(iv) Düzüminde enjam we programma komponentleri bolan (mysal üçin: BlackBerry enjamlary, akylly karta okaýjylary, şeýle hem kozyrýoga berkidilýän kolonkalary ýaly) Bluetooth aksessuarlary üçin kepillik möhleti 1 (bir) ýyldyr. BlackBerry Enjamyňyzy satyn alan bölekleýin satuw nokadyňyza ýüz tutuň.

Belli bir BlackBerry Enjam kysymlary ýa-da käbir ýurtlar üçin çäklendirilen kepillik boýunça kadadan çykmalar bolup biler — şu Çäklendirilen kepilligiň 1-nji Goşundysyna serediň. BlackBerry tarapyndan ýa-da onuň adyndan abatlanan BlackBerry Enjamlary üçin kepillik döwrüniň (bar bolsa) galan döwri şol abatlanan BlackBerry Enjamyna degişli bolýar.

Kepillik döwründe BlackBerry Enjamynda kemçilik bardygy BlackBerry tarapyndan ýüze çykarylsa we şol kemçilik bar bolan enjam şu çäklendirilen kepillige degişli bolsa, BlackBerry diňe özüniň islegi bilen:

(i) BlackBerry Enjamyň näsaz bolan bölegini SIZDEN töleg almazdan täze ýa-da dikeldilen bölek bilen bejerip bilýär;

(ii) BlackBerry Enjamyň näsaz bolan bölegini SIZDEN töleg almazdan deň derejede täze ýa-da bejerilen önüm bilen çalşyp bilýär; ýa-da

(iii) eger BlackBerry tarapyndan BlackBerry Enjamy (i) ýa-da (ii) boýunça bejerilmese ýa-da çalşylmasa, onda BlackBerry Enjamy üçin SIZIŇ tölän anyk tölegiňizi SIZE gaýdyp bermäge.

Eger-de BlackBerry Enjamy kepillik möhletiň dowamynda BlackBerry tarapyndan ýa-da onuň adyndan abatlanan ýa-da çalşyrylan bolsa, abatlanan ýa-da çalşylan BlackBerry Enjamy üçin kepillik möhleti asyl kepillik möhletiň dolmagy bilen bir hatarda dolar (abatlanan ýa-da çalşylan BlackBerry Enjamy üçin BlackBerry tarapyndan kanun esasynda SIZE has uzak kepillik möhletini üpjün etmek zerurlygy bolan ýagdaýlardan başga). BlackBerry tarapyndan ýa-da onuň adyndan şu kepillik döwrüniň çäginde berilýän islendik hyzmat ýa-da goldaw üçin SIZIŇ BlackBerry Enjamyňyzyň BlackBerry-niň ygtyýarly hyzmat üpjün edijileriniň birine gaýtarylyp getirilmegi hökmandyr ("BlackBerry Enjamyňyzy nädip yzyna gaýtarmaly" bölüminde görkezilişi ýaly). Şu çäklendirilen kepillik çäginde BlackBerry Enjamyny yzyna gaýtaranyňyzda we ýerine başga BlackBerry Enjamyny alanyňyzda SIZIŇ yzyna gaýtaran harydyňyz BlackBerry kompaniýasynyň emlägi bolýar we ýerine berlen haryt SIZIŇ emlägiňiz bolýar. Şu çäklendirilen kepilligiň çäginde puluňyz yzyna gaýtarylyp berleninde BlackBerry Enjamyňyzy BlackBerry-ä gaýtaryp berersiňiz we SIZIŇ yzyna gaýtaryp beren BlackBerry Enjamyňyz BlackBerry kompaniýasynyň emlägi bolar.

**Kepilligiň çägine girmeýän ýagdaýlar we çäklendirmeler.** Bu çäklendirilen kepillik şu ýagdaýlara degişli däl (BlackBerry tarapyndan kesgitlenişi ýaly):

(i) emele gelen zeper materiallardaky ýa-da zähmetdäki kemçilikler sebäpli bolmasa, BlackBerry Enjamynyň batareýalar we goraýjy daşky gaby ýaly sarp bolýan bölekler;

(ii) BlackBerry Enjamynda emele gelýän adaty könelmek we jaýryklar;

(iii) BlackBerry Enjamy açylan bolsa, üýtgedilen bolsa ýa-da BlackBerry tarapyndan ygtyýar berilmedik biri tarapyndan bejerilen bolsa;

(iv) BlackBerry Enjamynyň seriýa belgisi, IMEI belgisi ýa-da beýleki anyklaýjysy bozulan ýa-da aýrylan bolsa;

(v) zeper, näsazlyk ýa-da kemçilik şu ýagdaýlaryň biri sebäpli dörän BlackBerry Enjamy:

(a) ýalňyş ulanmak, çyglylyk ýa-da suwuklyk, ýylylyga golaýlyk ýa-da gyzgyna degmek, heläkçilik, erbet niýetli ulanmak, ideg etmezlik ýa-da nädogry ulanmak;

(b) BlackBerry Enjamyny SIZIŇ kesgitli BlackBerry Enjamy modeliňiz bilen ulanmak üçin BlackBerry tarapyndan aç-açan tassyklanmadyk ýa-da üpjün edilmedik kömekçi enjamlar, önümler, hyzmatlar, programma üpjünçilikleri, amaly programmalar ýa-da goşmaça enjamlar bilen bilelikde ulanmak;

(ç) BlackBerry Enjamynyň öz näsazlygy bolmadyk islendik zat;

(d) BlackBerry Enjamy hereket edýän gurnama görkezmeleriň ýa-da BlackBerry tarapyndan taýýarlanan we üpjün edilen adaty sarp edijiniň resminamasynyň, şol sanda http://docs.blackberry.com saýtda elýeterli bolan howpsuzlyk we ulanyş boýunça görkezmeler, ýa-da http://us.blackberry.com/legal/bbsla.jsp saýtda elýeter bolan BlackBerry çözgütleriň ygtyýarnama ylalaşygynyň çäklerinden daşary işletmek ýa-da ulanmak;

(vi) jaýryklary, çyzyklary ýa-da döwükleri hem öz içine almak bilen BlackBerry Enjamynyň ýüzüne zyýan ýetirmek;

(vii) islendik enjam, planşet, ýa-da çäklendirilen bu kepillikde beýan edilen BlackBerry Enjamyndan başga beýleki enjamlar – mysal üçin, bu SIZIŇ satyn alan zadyňyz bilen bilelikde üpjün edilen daşky SIM karta ýa-da BlackBerry brendli bolmadyk hem-de BlackBerry tarapyndan ýa-da onuň adyndan öndürilmedik hiç bir zada degişli bolmaýar; ýa-da

(viii) eger SIZ BlackBerry Enjamyň başdaky satyn alyjysy hökmünde, başdaky satyn alynan sene we ýeri barada delilş görkezip bilmeseňiz.

Çäklendirilen kepillik diňe BlackBerry Enjamy bilen çäkli bolan enjama degişli kepillikdir we haýsydyr bir üpjün edilen, öňünden gurnalan, BlackBerry ýa-da üçünji tarap bilen paýlanan programma degişli däldir. Bu ýagdaý şeýle hem programma BlackBerry Enjamy üçin düzülen ýa-da onuň bilen satylan, şeýle BlackBerry Enjamy üçin has soň elýeterli edilen hem bolsa hem degişlidir. Programma ygtyýarnamasynyň şertnamalary BlackBerry Enjamy bilen baglanyşykly programmany ulanyşyňyza degişlidir. BlackBerry Enjamy bilen bilelikde berlen BlackBerry-niň eýeçiligindäki programma üpjünçiligi üçin programma üpjünçiligi ygtyýarnamasy degişli BlackBerry programma üpjünçiligi ygtyýarnama şertnamasynda düşündirilýär.

**Maglumatlaryňyzy ätiýaçlandyryň.** BlackBerry Enjamyňyzy yzyna gaýtarmazdan ozal işlemegi bilen baglanyşykly ähtimal meselelere garşy BlackBerry Enjamy maglumatlaryňyzy, programma üpjünçiligiňizi, amaly programmalaryňyzy we maglumatlaryňyzy belli wagtlarda ätiýaçlandyrsaňyz gowy bolar. Maglumatlaryň ätiýaçlyk nusgasyny almak BlackBerry-niň, BlackBerry Enjamyny size satan satyjynyň, BlackBerry Enjamy üçin täzeden gurmak, bejermek ýa-da çalşyrmak hyzmatyny beren ygtyýarlandyrylan hyzmat üpjün edijileriň däl-de, SIZIŇ jogapkärçiligiňiz bolmak bilen, bu ýagdaýa sinhronlaýjy programma üpjünçiliginiň ulanylmagy sebäpli emele gelen maglumat ýitgisi ýa-da zeperi hem degişlidir. BLACKBERRY ENJAMYŇYZY YZYNA GAÝTARMAZDAN OZAL GOŞMAÇA ENJAMLAR, ÝAT KARTOÇKALARY WE/ÝA-DA ŞAHSY ÝA-DA GIZLIN MAGLUMATLARYŇYZ BAR BOLSA, OLARY AÝRYŇ. TÄZEDEN GURLUŞ, BEJERIŞ ÝA-DA ÇALŞYRYŞ WAGTYNDA BLACKBERRY ENJAMYŇYZDAKY MAZMUN ÝOKLANMAGY WE/ÝA-DA TÄZEDEN FORMATLANMAGY, TÄZE SATYN ALNAN ÝAGDAÝYNA DÜZÜLMEGI (ŞOL DÖWÜRDE PROGRAMMA ÜPJÜNÇILIGI ÜÇIN BAR BOLAN TÄZELENMELERE WE BEÝGELTMELERE TABYNDYR, OLAR BOLSA BLACKBERRY ÇÖZGÜDINIŇ PROGRAMMA ÜPJÜNÇILIGINIŇ YGTYÝARNAMA BARADAKY ŞERTNAMASYNA TABYN) MÜMKIN, GOŞMAÇA ENJAMLAR WE ÝAT KARTLARY BAR BOLSA, OLAR AÝRYLÝAR WE SIZE GAÝTARYLYP BERILMEÝÄR. Düşünişmezlik bolmazlygy üçin şu çäklendirilen kepillik SIZIŇ

maglumatlaryňyzyň, programma üpjünçiligiňiziň ýa-da programmalaryňyzyň ätiýaçlandyrylmagyny, dikeildilmegini ýa-da BlackBerry Enjamyňyza gaýtadan gurnalmagyny öz içine almaýar.

**BlackBerry Enjamyňyzy nädip yzyna gaýtarmaly.** Bu çäklendirilen kepillik SIZE BlackBerry Limited tarapyndan üpjün edilýär. BlackBerry Enjamyňyza kepillik hyzmatynyň zerurdygyny anyklamak we BlackBerry Enjamyňyzy nädip yzyna gaýtarmalydygy barada maglumat almak üçin, ýokardaky "öndürijiniň kepillik çägi" bölüminde düşündirilen degişli BlackBerry Enjamy üçin bar bolan kepillik boýunça ýüz tutulmaly ýere ýüz tutuň.

BlackBerry ýa-da BlackBerry tarapyndan ygtyýarlandyrylan hyzmat üpjün edijisi bilen telefon arkaly habarlaşaňyzda töleg alnyp biliner. BlackBerry Enjamyňyzda näme mesele bardygyny anyklamaga kömek etmeli bolup we/ýa-da BlackBerry Enjamyny ilkibaşda özüňiziň satyn alandygyňyzy, satyn alnan senesini we ýerini subut etmeli bolup bilersiňiz. Kepillik hyzmatynyň görnüşleri, jogap berilýän wagt we tölegler (bar bolsa) her ýurda görä üýtgäp biler. **EGER BLACKBERRY ENJAMYŇYZ KEPILLIK DÖWRÜNDE YZA GAÝTARYLAN BOLSA, ÝÖNE BLACKBERRY ENJAMYŇYZ ŞU ÇÄKLENDIRILEN KEPILLIGIŇ ÇÄGINDE DÄL BOLSA, ÝERINE ÝETIRILEN BEJERIŞ ÝA-DA IŞLER ÜÇIN ŞERTLER WE TÖLEGLER DEGIŞLI BOLUP BILER**. BLACKBERRY ENJAMYNYŇ ILKIBAŞDA SIZE SATYLAN ÝURDUNDA ÝAŞAMAÝAN BOLSAŇYZ, ONDA:

(A) KEPILLIK ÇÄGINDE BEJERIŞ ÝA-DA ABATLAÝYŞ HYZMATY MÜMKIN BOLMAN BILER;

(B) ŞERTLER BILEN YLALAŞMALY WE/ÝA-DA BELLI TÖLEGLERI TÖLEMELI BOLUP BILERSIŇIZ (DAŞAMAK WE BARLAMAK ÇYKDAJYLARYNY GOŞMAK BILEN, ÝÖNE BULAR BILEN ÇÄKLENMEÝÄR);

(Ç) KEPILLIK ÇÄGINDE BEJERMEK ÝA-DA ÇALŞYRMAK MÜMKIN BOLSA, ONUŇ TAMAMLANMAGY ÜÇIN ADATDAKYDAN HAS KÖP WAGT GEREK BOLUP BILER.

**Aýratyn şertlerde öwezini dolmak**. **BLACKBERRY ENJAMYŇYZ BILEN BAGLANYŞYKLY ÖWEZINI DOLMAGY ÇÄKLENDIRMEK ÝA-DA ARADAN AÝYRMAK BABATDA (EGER-DE SIZDE GOŞMAÇA HÖKMÜNDE ŞU ÇÄKLENDIRILEN KEPILLIKDEN BAŞGA SARP EDIJINIŇ HUKUKLARY HEM BAR BOLSA) BLACKBERRY AÇ-AÇAN GÖRNÜŞDE KANUN TAÝDAN GADAGAN EDILEN ÝAGDAÝLARYNDAN BAŞGA HALATLARDA,** BU ÇÄKLENDIRILEN KEPILLIK HEM-DE ISLENDIK BEÝLEKI DILDEN ÝA-DA ÝAZMAÇA KEPILLIKLER, ŞERTLER HEM-DE TALAPLAR SIZIŇ BLACKBERRY ENJAMYŇYZ BABATDA AÝRATYN ÖWEZINI DOLMALARYŇYZY, ŞOL SANDA BULAR BILEN ÇÄKLENMEZDEN BU ÝERDE ÝAZMAÇA BEÝAN EDILEN SATUWA ÝARAMLYK BARADA KEPILLIKLER, HIL TAÝDAN KANAGATLANARLYK WE/ÝA-DA BELLI BIR MAKSADA ÝARAMLYLYK DEREJESINI KESGITLEÝÄR WE ŞU BABATDA DEGIŞLI EDILMELI HEM-DE TÄSIRINI ÝETIRMELI DÄLDIR.

**Borçnamanyň çäklendirilmegi**. **BLACKBERRY AÇ-AÇAN GÖRNÜŞDE KANUN TAÝDAN GADAGAN EDILEN ÝAGDAÝLARYNDAN BAŞGA HALATLARDA (EGER-DE SIZDE GOŞMAÇA HÖKMÜNDE ŞU ÇÄKLENDIRILEN KEPILLIKDEN BAŞGA SARP EDIJINIŇ HUKUKLARY HEM BAR BOLSA) ÝA-DA ÝAŞAÝAN ÝURDUŇYZDA, WELAÝAT ÝA-DA ETRABYŇYZDA ESASLY ÝA-**

**DA GYTAKLAÝYN ÝITGILERI ARADAN AÝYRMAK ÝA-DA ÇÄKLENDIRMEKLIGE RUGSAT BERILMEÝÄN BOLSA,** HIÇ BIR ÝAGDAÝDA BLACKBERRY ÝA-DA BLACKBERRY KOMPANIÝASYNYŇ ADYNDAN ÝA-DA ŞONUŇ BILEN BILE HEREKET EDÝÄN HIÇ BIR TARAP (ŞOL SANDA ÇÄKLENMEZDEN BLACKBERRY ENJAMYNYŇ ÖNÜMÇILIGI, ÜPJÜNÇILIGI, PAÝLAMAK, SATMAK, ABATLAMAK ÝA-DA YZYNA GAÝTARYP BERMEK BILEN BAGLANYŞYKLY BOLAN) BLACKBERRY ENJAMYNY ULANMAGYŇ ÝA-DA ULANYP BILMEZLIGIŇ NETIJESINDE ÝÜZE ÇYKÝAN ISLENDIK GÖRNÜŞDÄKI GYTAKLAÝYN, ESASLY, AÝRATYN ÝA-DA NETIJEDE GELIP ÇYKÝAN ÝITGI WE ZEPERLER BABATDA JOGAPKÄRÇILIK ÇEKMELI DÄLDIR (ŞOL SANDA ÇÄKLENMEZDEN, GIRDEJIDE BOLAN ÝITGI, ÖNÜMÇILIGIŇ TOGTADYLMAGY, MAGLUMATYŇ ÝITIRILMEGI ÝA-DA ÝOÝULMAGY, ŞEÝLE HEM MUNDAN BAŞGA PUL ÝITGILERI), HATDA BLACKBERRY ÝA-DA BLACKBERRY KOMPANIÝASYNYŇ ADYNDAN ÝA-DA ŞONUŇ BILEN BILE HEREKET EDÝÄN TARAP ŞULAR ÝALY ÝITGILERIŇ BOLUP BILJEKDIGI BARADA HABARDAR HEM EDILEN BOLSA. BU ÇÄKLENDIRME ŞEÝLE ZYÝANLARYŇ TALAP EDILMEGINE, TASSYKLANMAGYNA ÝA-DA ŞERTNAMA, KEPILLIK ÝA-DA ISLENDIK BEÝLEKI KANUNY NAZARYÝETIŇ ÇÄGINDE ÖŇE SÜRÜLMEGINE GARAMAZDAN GOLLANYLMAGA NIÝETLENENDIR WE GOLLANYLMALYDYR. BLACKBERRY KOMPANIÝASYNYŇ ÖZÜNIŇ ÝA-DA ONUŇ ADYNDAN ÝA-DA ONUŇ BILEN HEREKET EDÝÄN ISLENDIK TARAPYŇ ŞU ÇÄKLENDIRILEN KEPILLIK SEBÄPLI SIZIŇ ÖŇÜŇIZDÄKI JOGAPKÄRÇILIGI BLACKBERRY ENJAMYNY SATYN ALMAK ÜÇIN TÖLÄN MUKDARYŇYZDAN ÝA-DA ZEPER ÝETEN BLACKBERRY ENJAMYNY ÇALŞYRMAGYŇ NYRHYNDAN ÝOKARY BOLMALY DÄLDIR, ŞULARYŇ HAÝSYSY ULY BOLSA, ŞOL KABUL EDILÝÄR. Bu agzalanlar ölüm, agyr ýaralanmak ýagdaýlary üçin, bilgeşleýin ýa-da bilkastlaýyn hereketler üçin jogapkärçiligi hiç hili çäklendirmez.

**Agalyk edýän kanunçylyk.** ŞU ÝERDE GÖRKEZILEN ÝURDUŇ, ŞTATYŇ, WELAÝATYŇ ÝA-DA KANUNÇYLYGYŇ KANUNLARY AŞAKDAKYLARDA ULANYLAR:

(A) BU ÇÄKLENDIRILEN KEPILLIGI WE ONDAN ÇYKAYLÝAN MANY, KANUNY BOZMAKLYGY WE BU ÇÄKLENDIRILEN KEPILLIGIŇ HEREKET EDIŞ MÖHLETINI, ŞEÝLE HEM

(B) SIZ WE BLACKBERRY KOMPANIÝASYNYŇ ARASYNDA ŞU ÇÄKLEDIRILEN KEPILLIK (ŞERTNAMA, RAÝAT HUKUK BOZMASY ÝA-DA BAŞGA GÖRNÜŞDE, ÖŇ BAR BOLAN, HÄZIRKI ÝA-DA GELJEKDÄKI, ŞEÝLE HEM KANUNDA KESGITLENEN, UMUMY KANUN WE ADALATLY TALAPLAR BOÝUNÇA) BILEN BAGLANYŞYKLY ÝÜZE ÇYKYP BILJEK ISLENDIK TALAP, DAWA ÝA-DA DÜŞÜNIŞMEZLIK.

AŞAKDAKY TABLISADA KESGITLENIŞI ÝALY ÝURDUŇ DEGIŞLI KANUNLARY SIZIŇ NIREDE ÝAŞAÝANDYGYŇYZA BAGLYLYKDA DEGIŞLI BOLAR WE ULANYLÝAN KANUN BILEN ÇAKNYŞÝAN ISLENDIK EDARA HASAP EDILMEZ.

**DAWANYŇ ÇÖZÜLMEGI/ARAÇYLYK**. ŞU ÇÄKLENDIRILEN KEPILLIGE DEGIŞLI ÝA-DA ONUŇ BILEN BAGLANYŞYKLY ÝÜZE ÇYKJAK ISLENDIK DÜŞÜNIŞMEZLIK ÝA-DA DAWA, AŞAKDAKY TABLISADA KESGITLENIŞI ÝALY ÝAŞAÝAN ÝERIŇIZE BAGLYLYKDA ARAÇY KAZYÝETIŇ HEREKET EDÝÄN KANUNÇYLYGYNA LAÝYKLYKDA AHYRKY WE HÖKMANY ÇÖZGÜT BOLMAK BILEN

ÇÖZÜLMÄGE DEGIŞLIDIR: (I) ARAÇY KAZYÝETIŇ ÝERLEŞÝÄN ÝERI ARAÇYLYGYŇ GEÇIRILÝÄN ÝERINDE BOLMALYDYR WE IŇLIS DILINDE GEÇIRILMELIDIR; (II) ARAÇY KAZYNYŇ SANY 1 (BIR) BOLMALYDYR; ŞEÝLE HEM (III) ARAÇY KAZY ÝOKARDA AGZALAN ARAÇYLYK KADALARYNA LAÝYKLYKDA BELLENMELIDIR. ŞU ÇÄKLENDIRILEN KEPILLIK BOÝUNÇA ARAÇY KAZYÝETE DEGIŞLI ÄHLI MESELELER KANUNYŇ RUGSAT BERÝÄN ÇÄKLERINDE IŇ ÝOKARY DEREJEDE GIZLINLIKDE SAKLANMALYDYR. BLACKBERRY KOMPANIÝASYNYŇ ÖŇÜNDEN ÝAZMAÇA RUGSADY BOLMAZDAN SIZDEN BAŞGA HIÇ BIR ŞAHSY TARAPLARYŇ ARASYNDAKY JEDELE GOŞUP ÝA-DA BIRLEŞDIRIP BOLMAÝAR.

Eger-de SIZ Ýewropada, Ýakyn Gündogarda ýa-da Afrikada ýaşaýan bolsaňyz, bu çäklendirilen kepillik Angliýanyň we Uelsiň kanunlaryna görä kadalaşdyrylmalydyr we siz Angliýanyň London şäherinde ýerleşýän London kazyýetinde Halkara araçylyk kadalaryna laýyklykda araçylyk işine garatmaga razylygyňyzy bildirýärsiňiz. Eger SIZ Aziýada ýaşaýan bolsaňyz, şu Çäklendirilen kepillik Nýu-Ýork şäheriniň kanunlary esasynda dolandyrylýar we Siz Halkara arbitraž kadalarynyň London şäherindäki kazyýetine laýyklykda, arbitražyň ABŞ-nyň Nýu-Ýork şäherinde bolmagyna razylyk berýärsiňiz. Eger SIZ Demirgazyk Amerikada ýa-da Günorta Amerikada ýaşaýan bolsaňyz, şu Çäklendirilen Kepillik Amerikan Arbitraž Assosiasiýasynyň täjirçilik arbitraž kadalaryna laýyklykda, arbitražyň ABŞ-nyň Nýu-Ýork şäherinde bolmagyna razylyk berýärsiňiz.

**Gizlinlik**. BlackBerry tarapyndan alnan müşderi baradaky maglumatlar şu çäklendirilen kepillikde düşündirilen kepillik hyzmatlaryny ýerine ýetirmek üçin BlackBerry kompaniýasynyň gizlinlik ýörelgelerine (*http://www.blackberry.com/legal/privacy.shtml* salgysynda elýeterli) laýyklykda ulanylar, amal ediler, geçiriler we mälim ediler. Muňa SIZIŇ maglumatlaryňyzy almak, kepillik hyzmatlary amala aşyrylýan BlackBerry Enjamyny gorap saklamak zynjyryna goşulan hyzmat üpjün edijilerden, bölekleýin satuw nokatlaryndan, araçylardan we distribýutorlardan BlackBerry Enjamy barada maglumatlary almagy, SIZIŇ maglumatlaryňyzy we BlackBerry Enjamyny BlackBerry şahamçalaryna we aýrybaşgalaşan kärhanalaryna ýa-da BlackBerry hyzmat üpjün edijilerine geçirmegi öz içine alyp bilýär.

**Goşmaça**. Şu çäklendirilen kepillik bilen islendik beýleki kepilligiň, şol sanda (ýöne onuň bilen çäklenmezden) BlackBerry Enjamynyň gabyndaky kepilligiň arasynda gapma-garşy ýerler bar bolsa, şu çäklendirilen kepilligiň şertleri şol gapma-garşylyklara çenli baryp ýetýänçä BlackBerry tarapyndan ulanylar. Eger şu çäklendirilen kepilligiň islendiň şerti, maddasy ýa-da bölümi bikanun, güýjüni ýitiren ýa-da gollanyp bolmaýan bolsa, şeýle şertiň, maddanyň ýa-da bölümiň galan böleginiň we şu çäklendirilen kepilligiň hukuk güýjüne ýa-da gollanyp bolýanlygyna täsir etmez.